# Enemiñ üçi güni ýazylan setirler

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Enemiñ üçi güni ýazylan setirler

ENEMIÑ ÜÇI GÜNI ÝAZYLAN SETIRLER

Sen barada galp setir çyrşamak jenaÿatdyr.
Sen öwretdiñ
galp sözüñ, çyn sözüñ yslaryny.
Beÿik ene dilimde (diÿmek, Seniñ diliñde)
Paÿlapdym il-günüme sözleriñ rastlaryny.

Seniñ diliñde gepläp, iliñ gaşyna çykdym,
Şol dil bilen ÿazgardym biweçleñ köstlerini.
Şol dil bilen pyşyrdap, Baş söÿgimi syzdyrdym.
Şol dil bilen göterdim mukaddes tostlarymy.

Bu gün meniñ ÿüregme ne tost, ne Söÿgi gerek,
Içine giren biler bagrymyñ seslerini.
Häzir meniñ ÿüregme bir uly derÿa gerek
Giñeltmäge öÿüni, ÿuwmaga poslaryny.

Müñläp ÿasy görsem-de, beÿle ÿasy görmändim.
Atdyñ Sen gerdenime ÿaslaryñ ÿaslaryny.
…Bu gün ÿüzläp adamy myhman edip duzuma,
Öz Ajalyñ bilen hem
köpeltdiñ dostlarymy.

11-nji aprel, 1977-nji ÿyl.

Kerim GURBANNEPESOW.

Goşgular